**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2022-nji ýylyň 26-njy dekabryndaky**
**№ 106 buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ 65-aragatnaşyk «Aragatnaşyk hyzmatlary barada hasabat» (çärýeklik) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**
**GOLLANMA**

№ 65-aragatnaşyk «Aragatnaşyk hyzmatlary barada hasabat» (çärýeklik) döwlet statistik hasabatlylyk formasy Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň "Türkmenaragatnaşyk" agentligiň kärhanalary, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň "Türkmenaragatnaşyk" agentligi, ÝGPJ-i "Altyn asyr", ÝGPJ-i "Aşgabat şäher telefon ulgamy", ÝGPJ-i "Türkmen hemrasy" tarapyndan düzülýär we hasabat formasynyň salgy böleginde görkezilen salgylara we bellenen möhletlerde tabşyrylýar. Hasabat esasy işdäki ähli aragatnaşyk kärhanalary tarapyndan hereket edýän hasabat we buhgalter hasaba alyş maglumatlary esasynda düzülýär.

01-nji setirde (03, 11, 12, 19, 27, 33, 38, 42, 45, 46-njy setirleriň jemi) aragatnaşyk hyzmatlaryndan alnan girdejiler (GBS goşmazdan) tutuş aragatnaşyk kärhanalary, kiçi pudaklaryň çäkleri boýunça hem-de hyzmatlaryň aýratyn görnüşleri boýunça, ilat üçin girdejileri goşmak bilen görkezilýär (1, 2 sütünler – hasabat döwründe 3, 4 sütünler – geçen ýylyň degişli döwründe).

«Aragatnaşyk hyzmatlaryndan alnan girdejiler» atly 01-nji setirde aragatnaşyk hyzmatlaryndan alnan hakyky girdeji görkezilýär.

01-nji setirden 02-nji setirde aragatnaşyk hyzmatlaryndan töleneni görkezilýär.

01-nji setirde 03-nji setirde poçta arkaly aragatnaşyk hyzmatlaryndan alnan girdejileriň jemi görkezilýär. Hasaba almaga ähli içerki we halkara çykyş poçta arkaly ibermeler – hatlar, poçta kartoçkalary, banderollar, ibermeler (ýönekeý we bahasy bellenen), pul ibermeleri, abunaçylara ýetirilen döwürleýin neşirler (gazetler we žurnallar), ÇGU (Çalt gowşuruş ulgamy) we beýleki girdejiler degişli bolýar.

01-nji setirden 11-nji setirde ýöriteleşdirilen aragatnaşyk we harby ýa-da hökümet hatlaryny gatnadýan çapar aragatnaşygyndan alnan girdejileriň jemi görkezilýär.

01-nji setirden 12-nji setirde şäherara we halkara telefon aragatnaşygyndan alnan girdejileriň jemi görkezilýär. Şäherara we halkara telefon arkaly kabul edilen gepleşiklerden alnan girdejiler aşakdakylardan ybaratdyr: abonentleri elin, ýarym awtomat, awtomat boýunça birikdirmekde kabul edilen çykyş şäherara telefon gepleşikleri (içerki we halkara), tölegli we tölegsiz (gullukdaky). Bu girdejilere telefon ýollaryny kärendä bermekden; güýçli sesli telefon aragatnaşyk hyzmatlaryndan alnan girdejiler girýär.

01-nji setirden 19-njy setirde resmileşdirilen elektrik aragatnaşygyň dürli görnüşlerinden alnan girdejiler görkezilýär. Telegraf arkaly aragatnaşyk – telegrammalary we fototelegrammalary ugratmak we gowşurmak, abonent telegraf arkaly gepleşikleri üpjün etmek; teleks – halkara abonent telegraf aragatnaşygy; telefaks – umumy döwlet awtomatik kommutirlenýän telefon ulgamynyň gyralardaky ýerleşýän abonent desgalarynyň arasyndaky faksimil aragatnaşygy (hereketsiz suratlary ibermek) üçin niýetlenen resmileşdirilen aragatnaşygyň görnüşi; býurofaks – umumy döwlet awtomatik kommutirlenýän telefon ulgamynyň umumy peýdalanyşdaky aragatnaşyk ulgamynyň aragatnaşyk bölümleriniň arasyndaky faksimil aragatnaşygy üçin niýetlenilen resmileşdirilen aragatnaşygyň görnüşi bolup durýar.

Şäherde, şäherýakada, etrap merkezinde (şäher we oba ýerlerinde) ýerleşýän ähli şäher telefon ulgamynyň, stansiýalarynyň we kiçi stansiýalarynyň (olaryň gurluşynyň hiline we göwrümne garamazdan) işleýşinden alnan girdejiler 01-nji setirden 27-nji setirde görkezilýär. Abonent we kilometr boýunça tölegler, telefon çekmekden we onuň ornuny üýtgetmekden, şäher

taksofonlarynyň puluny ýygnamakdan, çäkden geçen gepleşiklerden alnan girdejiler hasaba alynýar.

01-nji setirden 33-nji setirde oba telefon aragatnaşygyndan alnan girdejiler görkezilýär. Etrabyň merkezi bolup durmaýan şäherçelerdäki, işçileriň ýaşaýan we şypahana şäherçelerinde ýerleşýän stansiýalaryň, şäherden, şäherýakadan, etrabyň merkezinden (şäher we oba ýerlerindäki) daşary ýerde ýerleşýän ähli oba telefon aragatnaşygyna degişli abonentleriň maglumatlary hasaba alynýar. Ýokarda agzalan abonentleriň esasy telefon apparatlaryny (OTS ýa-da ŞTS birikdirilen), ýa-da şol goşmaça apparatlaryny (OTS ýa-da ŞTS birikdirilen) esasy apparatlara jübütleýin birikdirilen, emma aýry guramalara we adamlara degişli bolan, ýa-da aýry otaglarda gurlup ýerleşýän goşmaça apparatlary peýdalanýan, şeýle hem başga edaralar we guramalar bilen gatnaşyk üçin "Türkmenaragatnaşyk" agentligin oba telefon stansiýalaryna birigen liniýalaryny peýdalanýanlary hasaba almaly. Hasaba abonent we kilometr boýunça tölegler, telefon çekmeden we ornuny üýtgetmekden, çäkden geçen gepleşiklerden degişli bolýar.

01-nji setirden 38-nji setirde kabel, radio göýberiş aragatnaşyk, rele ýa-da hemra aragatnaşykdan we IP –telewideniýeden alnan girdejiler görkezilýär.

01-nji setirden 43-nji setirde göçme radio telefon aragatnaşygyň we öýjükli telefon aragatnaşygyň hyzmatlaryndan alnan girdejileri öz içine alýan göçme elektrik aragatnaşygynyň hyzmatlaryndan alnan girdejiler görkezilýär.

01-nji setirden 46-njy setirde radioýygylygyň hyzmatlaryndan alnan girdejiler görkezilýär.

01-nji setirden 47-nji setirde beýleki alnan girdejiler görkezilýär.

**Söwdanyň, ulagyň we aragatnaşygyň statistikasy müdirligi**